***Döredijilik forumynyň jemleýji güni – 27-nji iýun Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe gabat gelip, paýtagtymyzyň günorta künjeginde ýerleşýän «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumynda türkmen halkynyň nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň ýadygärligine gül desselerini goýmak dabarasy bilen başlandy.***



Soňra Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň «Nowruz ýaýlasyndaky» «Türkmeniň ak öýi» binasynda Medeniýet hepdeliginiň ýapylyş dabarasy geçirilip, bu ýerde sungat ussatlarynyň giň gerimli konserti guraldy. Ussat aýdymçylaryň, sazandalaryň, tans toparlarynyň hem-de ýaş ýerine ýetirijileriň aýdym-sazly çykyşlary baýramçylyk dabarasynyň bezegine öwrüldi. Dabaranyň ahyrynda Medeniýet hepdeligine gatnaşyjylar döwlet Baştutanymyzyň adyna Ýüzlenme kabul etdiler.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026